# Günüñ monology

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Günüñ monology GÜNÜÑ MONOLOGY




Ýeñildir öýtmäñ Gün bolup dogmak,
Ýüzüne sylýan bar,
Bar ýüzün sowýan.
Şoñ üçinem doglamda her gezek
Ýaýdana-ýaýdana, ýaýdana dogýan.
Görsem adamlaryñ şadyýan ýüzün,
Şolañ şatlygyndan köreýär çogum.
Gara çalnan ýaly, garalýar ýüzüm.
Ýandyrlan topraga ýöreýär çagym.

Ýogsam dogulmandym garalmak üçin,
Ýa ýüzümi gara tüsse ýalmara.
Doguldym men gözlere nur çaýmaga,
Mañlaýdaky ýygyrtlary ýazmaga.

Bäbekleriñ ýañagyndan öpmeli,
Jahyllary jahyllyga eltmeli,
Garlary eredip,
soñ gapak baglan
Gämikleriñ men dadyna ýetmeli.

Balyny goýaltmaly doluşan miwäñ,
Adam, alar ýaly iýende işdäñ!
Garaz, bezeg üçin gelemok her gün,
Ýetişip bolunsa etmeli iş kän.

Ýogsa men hiç haçan ynsan bagtyna,
Doglasym gelenok gara gün bolup.
Garşylañ siz meni bir dogan bolup,
Wah, doglaýyn mydam çogly gün bolup!

Muhammetmyrat KÖMEKOW. Goşgular